# Syrly ajal: Ölmänkä «dowzaha» düşenler…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Syrly ajal: Ölmänkä "dowzaha" düşenler… SYRLY AJAL: ÖLMÄNKÄ «DOWZAHA» DÜŞENLER




***ýa-da öz-özünden ot almagyñ geñ-tañlyklary***
Dünýä edebiýatynda adam teniniñ öz-özünden ýanmagy ýaly täsin hadysa hakda birnäçe gezek ýazylypdy. Bu hakdaky ilkinji ýatlamalar XVIII asyra degişlidir. Bu hadysany iñlis ýazyjysy Çarlz Dikkens ürç edip öwrenipdir. Meşhur himiýaçy fon Lebih bolsa öz gezeginde gözi bilen görenleriñ bolmandygy üçin öz-özünden ot almaklygy düýpgöter inkär edipdir.
Ýöne Lebihiñ döwründen bäri bu hadysa bilen men diýen hünärli adamlar meşgullanypdyrlar. Olaryñ güýji bilen onuñ döreýiş häsiýeti düzülipdir. Olaryñ ilkinjisi – oduñ biçak çalt tizlikde ýaýramagy, çünki heläk bolan adamlar şo pursatyñ sähel öñüsyrasy hem başbitin sagat bolup çykýar.
Hadysanyñ ikinji häsiýeti – ýalnyñ ýakyp gowrup barýanlygynda, şol gyzgyna sähel wagtyñ içinde hatda süñkler hem kül bolup gidýär. Hatda krematoriýada hem birnäçe sagadyñ dowamynda şunuñ ýaly köýügiñ bolmaýandygyny ýörite derñewleriñ netijesi görkezdi. Ýangyn şeýle bir çalt bolup geçýär welin, hatda oña duçar bolanlar garşylyk görkezjek bolup ýa-da kömege çagyrjak bolup duranoklar, suwa-da ylgamaga ýetişenoklar.
Hadysanyñ üçünji häsiýeti – ýangynyñ özboluşlylygy. Ot diñe adamyñ tenini gurşap alýar, ol hatfa şol adamyñ ýatan

düşegine-de düşmän bilýär. Hatda hiç bir zat bolmadyk ýaly, jorabyň içinde ýanyp, gara köýük bolan aýaklar hakda-da birnäçe gezek ýazylypdyr.

Asyrlaryň dowamynda lukmanlar hem adam bedeniniň birden lowlap ýanýan halatlaryny belläpdirler. Özünem şonda adam teniniň edil gury bede küdesiniň ýanşy ýaly lowlap ýanýandygyny belläpdirler. Ýöne medisina hem sähel pursatda ýanyp küle dönýän adam jesediniň nädip şeýle bolýandygyna düşündiriş bermegiň kyndygyny nygtap-nygtap gelýärdiler.

Soňky döwürde şeýle syrly ölüm barada tiz-tizden gürrüň edilip başlanmagy ýöne ýerden däl. Munuň özi şeýle hadysalaryň belli bir derejede köpelýändiginiň hem alamaty bolmagy mümkin. Ýöne gynansak-da, şu kysmy hadysalary diňe yrymlar we şoňa meňzeş ýalan düşünjeler bilen düşündirjek bolýanlar-da tapylman duranok. Emma dünýäniň dürli ýerlerinde dürli wagtlarda gabat gelen öz-özünden ot almak hadysasynyň mysallary bilen birin-birin tanyşdygyňça bu ýagdaýyň tötänlikler bilen baglanyşdyrardan üýtgeşikdigine göz ýetirýärsiň.

■ Runeýleriň maşgalasynda bolan waka

Olar ABŞ-nyň Illinoýs ştatynda ýaşaýardylar. 1885-nji ýylyň Täze ýyl gijesi Patrik Runeý, onuň aýaly hem-de olaryň hyzmatkäri Jon Larson dagy ep-esli wiski içýärler. Soňra Larson ýokaryk, öz otagyna ýatmaga gidýär. Aşakda, aşhanada ähli zat haýsydyr bir ýagjymak örtük bilen örtülipdir. Poluň üstünde bolsa Patrik Runeý ölüp ýatyrdy. Hiç ýerden hojaýyn aýaly tapmansoň, Larson ata münüp Patrigiň golaýda ýaşaýan ogly Jona duýdurmak üçin eňýä. Ferma dolanyp gelenlerinde olar aşhananyň stolunyň gapdalyndaky köýük kömre dönen poluň deşigini görüp galýarlar. Ondan seredip görseler, poluň aşagyndaky gumda kalsenirlenen kelleçanak, ýanan süňkleriň birnäçesi hem-de üýşmejik kül galypdyr. Koroner (ekspert) Patrik aýalynyň ýanan jesediniň tüssesine boglup ölüpdir diýen netijä gelipdir. Sud oturdaşlary hiç hili höküm çykarmadylar. Missis Runeý temperaturasy juda ýokary bolan ýalynda ýitirim bolupdyr. Onuň şeýle ýokary temperaturasyna garamazdan ot

töwerekdäki predmetlere geçmändir.
Doktor Mann öz-özünden ot almak bilen baglanyşykly halatlary öwrenip, bir aýalyñ öz otagynyñ polunda ondan diñe köýüp galan süñkleriñ galandygyny ýazýar. Mann hem öz-özünden ot almagy öwrenýän beýleki awtorlar ýaly, şeýle ölümiñ pidalary spirtli içgileri köp içipdirler diýen çaklama eýerýär. Olaryñ pikiriçe, şol pidalaryñ organizmi alkogoldan juda ymykly ganandygy üçin olaryñ öz-özünden ot alaýmagy tebigy zatdyr. Hakykatdanam, şol pidalaryñ içinde aşa köp içýänleri bolupdyr, ýöne olaryñ içinde hiç haçan içginiñ bir damjasyny agzyna almadyklaram bar ahyryn. Şeýlelikde «alkogolly teoriýa» görnüşine görä kanagatlanarsyz.

■ Grafiniýa Korneli di Bandiden galan kül üýşmejigi

XVIII asyrda ýaşan italýan aristokrat aýaly grafiniýa Korneli di Bandiniñ ölen gijesi onuñ ýatan otagynyñ gapylaryndan gyzyl tüsse çykyp başlaýar. Haçan-da hyzmatkär aýal ylgap gelse, hojaýynynyñ krowatynyñ gapdalynda üýşmejik külden başga zada gözi düşmeýär.

■ «Adatdan daşary çozuşyñ» gurbany…

XIX asyrda Londonda ýaşaýan Jon Raýt diýilýän biriniñ haýaljak ýanyp duran kamen pejiniñ öñünde oturan ejesi duýdansyz ot alypdyr. Hyzmatkär aýala onuñ eşigindäki ody söndürmek başardypdyr. Ot täzeden gaýtalanypdyr. Ýöne ony ýene-de söndürmek başardypdyr. Dogry, Raýt beýle ahwalat üçin hyzmatkär aýaly günäkärläpdir. Emma ejesi ol günä ýöñkemeleri üzül-kesil inkär edipdir. Ol özüniñ üstüne haýsydyr bir «adatdan daşary gudratyñ» çozýandygyny aýdypdyr. Ertesi şol ýagdaý yene gaýtalanypdyr. Ahyrynda ol aýal fakele öwrülip, aşhanasynda ahyryna çenli ýanypdyr.

■ Ýorganynda ýatyrka ýanyp küle öwrülen Wilgelmina

Iki sany pensioner aýal doganlar Margaret we Wilgelmine Douer Angliýanyñ Uitli Beý diýen ýerinde asuda durmuşda ýaşap ýördüler. Bularyñ başyna-da ýokarky ýaly apat inýär. Şol gün

ir säher Margaretiñ gykylygy tutuş kwartaly aýak üstüne galdyrdy. Onuñ uýasy Wilgelmina juda bolup bilmejek ahwalatlatda diriligine ýanyp gurban boldy. Ol näbelli sebäplerde öz ýatan ýorganynda ýanyp kömre dönüpdir. Ýöne koroner (ekspert) üçin iñ täsin ýeri, jesediñ daş-töweregi oda ýanyp galan ýerine hiç hili täsirini ýetirmänligidir. Wilgelmina Doueriñ nähili ýagdaýda ölendigininiñ sebäplerini anyklamak başartman, ol iş ýapylypdyr.

■ Tans edip durka ýanyp küle öwrülen aýal

Fantast ýazyjy Erik Frenk Rassel öz işleriniñ birinde adamlaryñ öz-özünden ot almagynyñ halatlarynyñ 19-syna garap geçipdir. Şolaryñ hemmesinem gazetlerden alypdyr. Şeýle hadysalaryñ iñ adatdan daşarysy Angliýanyñ Çelmzfor diýen bolup geçipdir. Agşamky ýygnanyşygyñ tüýs gyzan mahaly tans gidip durka aýallaryñ birini birden gök ýalyn gurşap alýar-da, birnäçe minutdan soñ ol aýaldan kömre dönen külüñ kiçijik üýşmegi galypdyr. Koroner: «Meniñ bütin ömrüm boýy tejribämde şu gezekki ýaly ahwalat bir gezegem duş gelmedi» diýipdir.

■ «Üçleriñ düzgüni»

Rassel şol wakalary analizläp, olaryñ içinde «Üçleriñ düzgüni» diýen eýmençligi açypdyr. 1958-nji ýylyñ 27-nji dekabrynda (bir günde) Kent graflygynda Dauphemde bir aýal ot alýar. Edil şol wagtda Brikstonda (Irlandiýa), ýene bir aýal hem-de Balinde diýen bir erkek adam oda ýanypdyr. Özünem şularyñ üçüsem şol wagt odum ýanynda-da däl ekenler, çilimem çekmeýär ekenler.
1958-nji ýylyñ 7-nji apreli has-da howsalaly gün bolupdyr. «Ulrih» diýen gury ýük daşaýan gäminiñ kapitanynyñ kömekçisi Irlandiýanyñ kenarlarynda kä saga kä çepe gyşarýandygyny duýýar. Seretse ruluñ başynda durýan Grili nirädir bir ýere ýitirim bolupdyr. Baryp görse, şturwalyñ öñünde kiçijik üýşmek kül galypdyr. Şol pursat deñizçiler kapitanyñ duran ýeriniñ golaýynda işläp ýörseler-de, olar hiç hili gykylyk-galmagal eşitmändirler, hiç zat görmändirlerem. Ýyldyrym urandyr

diýseňem, şol wagt asman arassa bolup gök gümmürdäninem hiç kim eşitmändir.
Ýene-de şol 1958-nji ýylyň 7-nji aprelinde Angliýada, Apton-baý Çesteriň golaýynda ýoluň gyrasyndaky meýdançada bir ýük maşyny gelip durýar. Polisiýa sürüji Jorj Terneriň doly ýanyp kömre öwrülendigini belleýär. Şol bir wagtda sürüjiniň oturgyjynyň aşagynda başga hiç zat ýanmandyram, şikesem ýetmändir. Içi ýangycdan doly bak hem şol durşuna dur. Maşynyň kabinasynda sürüjiniň jesedi diýäýmeseň, oduň başga yzy galmandyr.
Şol ýylyň 7-nji aprel güni Gollandiýanyň Mimega diýilýän ýerinde üçünji ahwalat bolup geçipdir. Uulýam Ten Brunkiniň özüniň «Folkswagen» awtomaşynynda ýanyp kül bolan «jesedi» tapyldy. Geň ýerem, jeset şeýlw ymykly ýansa-da, maşyna ullakan şikes hem ýetmändir.
Ýokarky üç ölüm biri-birinden ýüzlerçe kilometrlik uzaklykda, emma täsin ýeri edil şol bir pursatda bolup geçipdir.

■ «Astrologiki fantastika»

Ýazyjy Piter Wizi bilen bolup geçen waka gürrüňi edilýän fenomeniň adatdan daşary güýçler bilen baglanyşygynyň bardygy barada çaklamalara goldaw berýär. Wizi özüniň romanlaryny «astrologiki fantastikada» ýazypdyr we ol ýa-da beýleki möçberde «adatdan daşary güýçler» bilen iş salyşypdyr. Onuň şäherden uzakdaky çola jaýynda ýeke özüniň işlemek endigi bar eken. Bir gezek ol öz yzyndan gelen aýaly bilen oglundan birsellem gezelenç etmeklerini haýyş edipdir. Öz aýtmagyna görä ol örän «üýtgeşik problemanyň» üstünde işläp oturan eken. Haçan-da aýaly bilen ogly gezelençden gelip görseler, myhman jaýda poluň üstünde onuň ýanyp, kömre dönen sähelçe süňkleri galypdyr. Otagyň içinde welin başga hiç zat ýanmandyr.

* * *

Şeýle hadysalaryň sanawy ýyl-ýyldan uzalyp gidip otyr. Ine ýene bir mysal. Ol Fransiýada 1974-nji ýylda bolup geçipdir. Kyrk ýaşly Leon Eweý Arsi-sýur tokaýlygynyň ýanynda özüniň

«Simka» awtoulagynda ýanyp kül bolan ýagdaýynda tapylypdyr. Bu wakanyň iň täsin ýeri, awtomaşynyň aýnalarynyň eränligidir. Awtomobil ýananda selsiýa boýunça 700 gradusdan ýokary geçmeýär. Emma aýnalaryň eremegi üçin welin 1000 gradus gerek. Awtomobiliň aýnalaryny ereden şeýle güýçli ýalnyň tebigatyny hiç kim düşündirip bilmedi. Şunuň bilen baglylykda Žak Berýe gözi bilen gören adamyň sözlerine salgylanýar. Ol şol aýdylan wagt ýaňky ýerden 20 kilometr uzaklykda bolandygyny hem-de özüniň awtomaşynynyň tapylan ýeriniň ýokarsynda howada ýagtylanýan we uçýan näbelli obýekt görendigini aýdýar.
Şeýle wakalaryň sanawyny näçe uzaltsaň uzaldyp oturmaly. Eýsem, şu eýmenç faktlara düşündirme barmy? Häkimiýetler olary çilimkeşleriň düşekde çilim çekmegi ýa-da ot bilen hüşgärsiz iş salyşmalar bilen baglanyşdyrmaga çalyşýarlar. Bularyň hemmesem ýagdaýdan çykalga tapmak üçin şeýle edilýär. Çünki, gürrüň edilýän hadysalar hakda hiç hili düşünjäniň bolmanlygy şeýle etmäge mejbur edýär. Faktlar, köplenç öz-özünden ot almalaryň pidasynyň çilim çekmeýänlerden, arak içmeýänlerden hem-de otdan has uzakdakylardan ybaratdygyna güwä geçýär.
XIX asyryň awtorlary hem hamala diýersiň, öz-özünden ot alanlar esasan arakhorlar diýen netijä gelipdirler. Ýagny, olaryň pikiriçe, alkogoldan ymykly doýan adam bedeni örän aňsatlyk bilen hem-de çalt ot almalymyş. Emma haýwanlarda geçirilen ähli barlaglar organizm alkogoldan hernäçe doýsa-da, şeýle aňsat ot almaýandygyny görkezdi. Onsoňam islendik halatda ot farangeýt boýunça 2500 gradus gyzgynlyga çenli ýetip, adam bedeniniň süňkleri kömre dönýänçä ýanyp bilmeli däl.
Makswell Keýd hem-de Delfin Dewis ýaly amerikan alymlary öz-özünden ot almak hadysasy haçan-da adamy şar ýyldyrymy uranda bolup geçýär diýip hasap edýärler. Olaryň hasaplamalaryna görä şar ýyldyrymy şeýle bir çalt urýarmyş welin, adam pahyr diňe bir egin-eşiginiň içinde-hä däl, hatda öz derisiniň içinde hem gara köýük bolup galýar. Alymlar şol pursaty mikrotolkunly pejiň işleýiş kadasy bilen deňeşdirýärler.
Dürli adatdan daşary güýçlere ynanýanlar muny has aňsat düşündirýärler. Olaryň pikiriçe, haçan-da adam şu dünýäni terk

etmäge wagt ýetende ol şeýle bolýar. Bu dünýäni kim nähili terk edýär – onuň eýýäm hiç hili ähmiýeti ýokmuş. Şol pursat adamyň yzyndan ot ölüminiň perişdesi (oňa şeýle at beräýeliň) gelýärmiş. Şeýlelikde, şol perişde adamyň ýeriň üstündäki bedenini ýakyp-ýandyryp, ony Baky Ýaşaýşa äkidýärmiş.
Bu çaklama ynanyp-ynanmazlyk her bir okyjynyň öz işi. Ylym barada aýdylanda bolsa, haçan-da adamyň öz-özünden ot almagynyň faktlaryny düşündirmeklerini haýyş edenlerinde ylmyň wekilleriniň gaharlarynyň gelýändigininiň şaýady bolmak bilen çäklenmeli bolýar.
Eýsem, şunuň ýaly hadysalara biziň ýurdumyzda gabat gelen barmyka? Biziň özümiz-ä henize çenli şular ýaly wakany pylan ýerde gördüm ýa eşitdim diýen adama gabat gelmedik. Megerem, siz-de gabat gelmedik bolsaňyz gerek. Gabat gelmeli bolmasynam…

# Metbugat materiallary esasynda taýýarlanyldy. Geň-taňsy wakalar